# Gaýratly adam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gaýratly adam GAÝRATLY ADAM

Gaýrat göwrä bagly bolmaýar eken,
Bagly däl ekeni boý berenine.
Pil deý kişi hötde gelmeýär eken,
Käte kiçi kişiñ eýgerenine.

Bir dostum bar, boýy beýle uly däl,
Emma başyndaky pähimi uly.
Öwrenip bilmeklik ukyby uly,
Ýagşy zady söýüp,
Ýaramaz zady
Ýigrenip bilmeklik ukyby uly.
«Özün bilen adam welin!» diýýärler;
Diýmek ol weli!

Kimdigine ýetiripdir gözüni,
Bilýär adam ýaşamaýar ebedi.
Hem agaç hem bagban saýýar özüni,
Gyrkýar bolsa gylygynyñ erbedi.

Timarlaýar gowy häsiýetini,
Artykmaç şahadan özün saplaýar.
Kynçylyklar ony döwüp bilenok,
Gaýtyp taplaýar.

Ýazyjy ol.
Ýazdy ençeme eser.
Hak tarapyn zehin, dury ser bilen.
Her ýazan eseri söweşjeñ esger,
Ýüzbe-ýüz garpyşýar galplyk-şer bilen.

Ýere ýakyn – poslatmaýar pilinem,
Gydyrdanypjyk ýör ol melleginde.

Arasy juda saz sport bilenem,
Woleýbol oýnaýar eli degende.

On adamlyk iş etse-de bir özi,
Eşidemok diýenini «Ýadaýan!».
Haçan görseň, uçganaklap dur gözi,
Degşer-gülşer,
Çaga ýaly şadyýan.

Gujur-gaýratynyň ýok çägi-çeni
Halypam ol erjelligi öwreden.
…Uly hasyl almak mümkin ekeni,
Gowy bagban bolsaň,
Kiçi göwreden.

■ ARÇA AGAJY

Sen şu ýerde geçen hepde-de bardyň,
Her gezek deňiňden geçip gidemde.
Ýitirip tapan deý salamlaşýardyň,
Köne tanşym äpet arça agajy!

Köp ýaşan bolsaň-da, başyň belentdi,
Kakam çaga wagtam bar ekeniň sen,
Meniň çaga döwrüme-de beletdiň,
Köne tanşym äpet arça agajy!

Käte-käte durup, derdinişerdik,
«Tebigatyň gadryn bilýän azalýar,
Bu gorkuly!» diýip, oda düşerdik,
Köne tanşym äpet arça agajy!

Höwesekdiň ýaşamaga, ösmäge,
Ynha bu gün seň ornuňda töňňe dur,
Kim dözüp bildikä seni kesmäge,
Köne tanşym äpet arça agajy?!

Hemra ŞIROW. Goşgular